# «Goçmyrat ahuny bardyr Nohuryñ…»

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler,Taryhy şahslar
написано kitapcy | 22 января, 2025
«Goçmyrat ahuny bardyr Nohuryñ…»

GOÇMYRAT AHUN HAKDA SÖZ

Ýogalanyna ýetmiş ýyldan gowrak wagt geçse-de, nesilleriň aňynda häzire bu güne çenli ady ýaşaýan Goçmyrat ahun kim bolupdyr? Nirede ýaşap geçipdir? Il-günüň öňünde hählili hazmatlary bar? Ine, şeýle sowallara jogap almak üçin Magtymguly Pyragynyň Gerkez obasyndaky muzeýiň işgäri Aşyrmyrat Hasmammedow bilen çaý başynda söhbetdeş bolduk.

● A.Hasmämedow:

– Nohur taýpasynyň baş ahuny Goçmyrat ahun hakynda gürrüň edeniňde, onuň il arasyndaky adynyň belentdigini bilip, oňa degişli zatlar gabat gelmezmikä diýip ýördüm. Şu wagta çenli düşünjämizde ahun bolsa edebiýatyň otrisatel gahrymany boldy. Molla bolsa ol halkyň halamaýan adamyna öwrülen ýaly bolup göründi. Emma men düýpteýkarynda şol adamlaryň şo zeýilli otrisatel gahryman ýa-da halanmaýan adamlar däldigine özboluşly göz ýetirýärin. Goçmyrat aga Buharada ýokary bilim alyp, sowatly adam bolup, öz ýurduna gaýdyp gelende Nohur halkynyň içinde şiga we beýleki ugurlar alnyp barylýar eken.

– Şu ýerde sözüňizi böleýin. Goçmyrat ahun Buharada haýsy döwürde okapdyr?

– Goçmyrat aga medresäni 28 ýaşynda gutaryp gelen. Ol 1919-njy ýylda, 69 ýaşynda dünýäden ötdi. Ondan soň ýyllaryny-aýlaryny özüňiz ýerinde goýuberiň.
Goçmyrat aga obasyna gelip, ýörite mekdep açyp, birentek talyplary okadyp ugrapdyr. Şonuň sowadynyň ýokarydygyny bilip,

biziň illerdenem gelip, onuň elinde okapdyrlar. Hezreti Magtymgulynyň ilen-çalany bolan Annagurban ahun onuň deň-duşy ekeni. Goçmyrat aganyň elinde okan Myrat mollanyň ogly, olam gyşyklardan, Annaberdi, Annamyrat biziň obadaşymyz. «Biziň kakamyz Goçmyrat aganyň talybydyr. Şonuň elinden çykan molladyr» diýip, guwanç bilen aýdýar.
Goçmyrat agadan galan ýekeje Kuran kitaby Bäherden posýologynyň Seýdi köçesiniň 20-nji jaýynda ýaşaýan Anna Molla Geldiýewiň öýünde saklanypdyr. Onuň içinde öz eli bilen ýazan birje şapbat ýalyjak arap goşgusy bolup, oňa kafiýa barlagyny geçirýär.Sintaksis analizini geçirýär. Ondan soň şonuň içindäki süreler barada ýörite görkezilişler ýazyp goýupdyr.
Onuň elinde hyzmat eden kelamy şerif 1886-nji ýylda Stambulda daşbasma usulynda çykarylypdyr.
Ýaşulynyň güwä geçmegine görä şo Kuran kitabynyň daşynyň bukjasy hem şonuň özüniňkidir. «Goçmyrat ahunyň şujagaz Kuranyny beräýin!» diýip ýaşulydan haýyş etdim. «Maňa bermek gaty kyn. Ýöne Magtymguly üçin ýüzünden geçip bilemok. Ony bereýin, ýerine bir Kuran getirip berseňiz» diýdi. Garawul obasynda ýaşaýan 63 ýaşly Hakberdi Hojamguly oglundan ýerine Kuran alyp oňa gowşurdym. «Goçmyrat aganyň Kuranyny näme üçin ýygnaýaňyz diýýäňiz, ýa-da nameüçin tapdyňyz?» diýýän sorag gelip çykýar. Garrygalanyň Wagy obasynda Hezreti Magtymgulynyň garyndaşy Annagurban aga bilen ikisi dogan ýaly gowy görşüpdirler. Bir gün Annagurban aganyň haýyşy bilen Goçmyrat aga onuň ýanyna baranda märeke üýşüp duran eken. Diwan güni eken. Meseleleriň çözülýän güni eken. Şonda halaýyk oňa sorag beripdir. «Hezreti Goçmyrat ahun, Magtymgulyny nähili adam hasap edýäňiz?» Şonda Goçmyrat aga kän pikir etmändir-de «Ol şahyr adamdyr» diýip aýdypdyr.
Şol gijesi bilen ol rahat tapman, ertir ýene şo märekäni ýygnamaly hem-de şolaryň öňünde ötünç soramaly diýen netijä gelipdir. Muny halaýyk geňem görse, Annagurban aga «Goçmyrat jan, ýüzünden geçmän, märekäni ýygnaýyn» diýipdir. «Sebäbini aýt» diýipdir. «Sebäbini men märekäniň öňünde aýdaýyn» diýipdir. Onsoň märekä ýygnananda «Halaýyk, adamlar, bagyşlaň meni, düýn Magtymguly diňe şahyr» diýip nyrh kesdim, ol

nädogry eken. Ol ýetjek derejesine ýeten alym hem-de weli» diýipdir.
Ynha, Goçmyrat aganyň şeýle güwä geçmegi boýunça Ýomutda, Gerkezde, Nohurda onuň kitaplarynyň göçürilmegine hemaýat etdimikä diýip pikir edýärin. Elbetde, Goçmyrat aga ýaly türkmen halkynyň belli şahyry Misgingylyjyň goşgularynda wasp edilýän adam, «Goçmyrat ahuny bardyr Nohuryň» diýilýän adam Magtymgula şeýle güwä geçse…

– Şu ýerde sözüňizi öleýin. Ol Mysgingylyjyňkimi ýa-da Durdy Şahyryňky?

– Bir görnüşinde Misgingylyç beýleki görnüşinde Durdy şahyr hem diýilýär. Men bu ýerde haýsy awtorlygy bilen işim ýok. Goý, ony edebiýatşynaslar çözsünler. Ýöne halkyň içinde aýdyma öwrülen adamyň özi Magtymgula şeýle ýokary baha berse, Magtymgula hemaýat edýär. Men ganynda, damarynda bir ýagşylyk eden adama minnetdarlyk bildirip, Goçmyrat agany hem Magtymgula hemaýat eden adam diýip hasap edýärin.

– Sözüň agzynda, Aşyrmyrat. Men eşidişime görä, Goçmyrat ahun öz wagtynda Magtymgulyň neberesi bolan Annagurban ahun bilen bile Buharada okapdyr. Şo hakda-da aýdaýsaňyz?

– Sag boluň! Goçmyrat agadan Annagurban aga hakda «Annagurban ahundyr, alymdyr. Gaty synçy adamdyr» diýer eken. Annagurban agadan Goçmyrat aga hakda soranlarynda bolsa «Düýşünde-huşunda-da o bizden ýokary sowatly adamdyr» diýip aýdypdyr. «Biz baýryň üstünde otursak, ol dagyň üstünde oturmaly adam» diýip aýdypdyr. Ynha, şu ýerde-de iki sany türkmeniň taýpasynyň wekilleriniň biri- birine berýän bahalaryndam şeýle netije çykarýaryn. Olarda bahyllyk hem-de görüplik bolmandyr.

– Galyberse-de, Goçmyrat ahun türkmen tire-taýpalarynyň arasynda ýüze çykýan dawa-jenjelleri öz wagtynda, ula gidermän, parahatlyk ýoly bilen çözýän eken.

– Eger şu wagt gökleň bilen ýomut oňuşmasa, beýleki bir araçyl taýpadan adam çagyryljagy dogry. Ynha Gyzylarbatda ýer-suw

dawasy bolanda, ýomut bilen teke oňuşman wagtynda Goçmyrat aganyň çagyrypdyrlar. Şonda Goçmyrat aga şo dawany adyl çözüp berýär. Şonda ol araçyl bolýar. Ondan soňam Goçmyrat aga ýalak adamlar meseläni çözende, olaryň elinde rysaliýa kitaplary, şerigat kanunlary ýatyr ahyry. Adyllyk ganyna, janyna siňen adamlar hiç wagt yslam ýolunda öz kellesine gelen zady etmejegine men güwä geçýärin.

— Goçmyrat ahun medresede haýsy ugurdan bilim, sowat alypdyr?

— Goçmyrat aga şo ýerde meniň pikirimçe, faki keýdandan ýokary derejeli alym bolan adam. Faki keýdan musulman ýuristprudensiýasyny öwredýär. Musulman ýuristrudensiýasyna şerigat kanunyň içine girýän maşgala, maliýe, döwlet hem-de nika hukuklary girýär.
Halkyň arasynda şeýle bir gürrüň bar.Faky keýdandan ýokary derejeli alym bolsa, oňa Kadym, Kadymguly diýlip aýdylar eken. Emma mümkülady — arap diliniň gramatikasyna degişli zady öwrenýän adama, obada ahun, ahunlyk din hyzmaty garaşýan eken. Indi halk döredijiligine öwrülen iki setir ýadyma düşýär.

Faky Keýdany okap,
Pitnege kazy bolmuşam.
Müşkül atny sorasalar,
Bilmäge razy bolmuşam.

Arap grammatikasynyň şeýle çylşyrymlydygyny, faki keýdanyň şeýle adyllygyna güwä geçip durýar.
Sumbar jülgesinde ekiz dogan ekiz gyz doganyna öýlenýär. Şolaryňam bir günde ikisiniň hem çagasy bolýar. Bu rowaýat däl-de, hakykat. Biriniň ogly bolýar, biriniň gyzy. Şunda gökleňler şu meseläni çözüp bilmän, Nohurda ahunyň ýanyna gelýärler. Şol ahunam çözübilmän Goçmyrat aganyň ýanyna iberýär. Goçmyrat aganyň şonda gözüne birazajyk ýaş gelýar. «Eý, pylany jan, sen şo meseläni çözübilmäniňe gaty gynanýan. Ol aňsat ahyryn» diýýä. Aýallaň tikin tikeninde barmagyna geýýän oýmaga süýt sagýarlar. Ikisinem mizan, adyl terezide çekip görseler weli, oglanyň ejesiniň süýdi agyr gelipdir.

Ine, Goçmyrat aga bu zatlar sadaja aýan zatlar eken.

Beýleki bir tarapyny ýatlasym gelýär. Şu kitaby tapanymdan soň, Goçmyrat aganyň ýakyn garyndaşy Eýjan jemhurýetinde ýaşaýan Abdulgapur ahun hajy biziň Türkmenistanymyza myhman geldi. Şonda kitaby görkezenimde ol Goçmyrat ahunyň adyndan, ilen-çatanlarynyň adyndan maňa köp-köp dogalar aýtdy.

– Goçmyrat ahun diňe bir ahunam däl-de, ol edebiýata-da uly sarpa goýýan adam eken.

– Goçmyrat agadan «Zöhre-Tahyry» göçürmek bolarmy?» diýip soraýarlar. Ol «Zöhre-Tahyr» kurana girýär diýip aýdypdyr. Elbetde, şeýle adamlar hak yşyga güwä geçse, oňa hemaýat etse, elbetde öz- özünden göçüriljek. Ýöne ahun agamyzyň özi göçüripdir diýip, men aýdyp bilmen. Sebäbi ol adamlar diňe bir hatdat bolmaýarlar ahyryn. Olar hatdatlary, ussatlary ýetişdirip duran adamlar».

– Geçmişde kän ahun ýaşap geçipdir. Birtopar ahunyň ady ýatdan çykypdyr. Emma Goçmyrat ahunyň adynyň häzir hem ýörgünli bolmagyny nämede görýäňiz?

– Adamkärçiliginiň belent-bilimli, sowatly bolmagy. Türkmeniň ähli tire-taýpasyny deň görüpdir. Halky agzybirlige çagyrypdyr. Ol pukara pespälligi bilen tapawutlanýar.

– Muzeýiňizde Goçmyrat ahun bilen baglanyşykly zatlar saklaýaňyzmy?

– Onuň kuranyny mukaddes zat hökmünde saklaýas. Goçmyrat ahundan galan ýadygärlik başga-da bolmagy mümkin.

– Köp sag boluň!

– Öz Kuranyny bereni üçin Garawul obasynda ýaşaýan Hakberdi Hojamguly ogluna minnetdarlyk bildiresim gelýär.

1990 ý, noýabr.

* * *

▶ «GOÇMYRAT AHUNY BARDYR NOHURYŇ…»

Uzak ýyllaryň dowamynda yslam dinine, könäniň zyýanly galyndysy hökmünde garalyp gelindi. Onuň görnükli wekilleriniň atlarynyň gapdalyna göwnümize gelen paýyş sözleri ýazmakdan gaýtmadyk. Halky garaňkylykda saklanam, hem aldawçylyk ýollar bilen garyp pukaralara ezýet baryny görkezenem misli şolar boldy. Mahlasy, biz olary diňe bir reňk bilen, gara reňk bilen reňkledik. Elbetde, din hadymlarynyň arasynda şeýle edilmegine mynasyp adamlar bolsa-da bolandyr. Muny inkar etmek bolmaz. Bäş barmagyňam deň bolanog-a!
Ýöne, hakykatyň hatyrasyna aýtmaly bolsa, öz halkynyň abadançylygy, agzybirligi, sowatlylygy ugrunda jan çeken din hadymlary gara reňklilerden köp bolmasa, az bolmandyr. Muny biz Maryda ýaşap geçen Molla Töre ahunyň mysalynda-da subut edip bileris. Ol ahun klassyk edebiýatymyzyň dürdänelerini bir ýere ýygnamakda, ony halka ýetirmekde bahasyna ýetip bolmajak iş bitiripdir. Ol öz döwrüniň adamy bolupdyr.
Ine, şeýle adamlaryň biri hem Nohur ilinde ýaşan Goçmyrat ahundyr. Ol rewolýusiýanyň yzysüre, 1919-njy ýylda aradan çykypdyr. Onuň ady häli-bu günedyr. Onuň ady häli-bu güne çenli halkyň dilinden düşenok. Beýle adamlar ýüz ýylda bir gezek döreýär, döremese-de ýok diýilýän adamlardan. Goçmyrat ahun öz döwüründe gaty köp gandöküşikli wakalaryň öňüni alypdyr. Halky agzybirlige çagyrypdyr. Her bir meseläni adyl çözüpdir. Ýüzlerçe talyp onuň tälimini alypdyr.
Goçmyrat ahun hakda ýazylyp ýörülmedigem bolsa, onuň ady ýaşulydyr ýaşkiçi nesliň aňynda ýaşamagyny dowam etdirýär.
«Hiçden giç ýagşy» diýen pähime uýup, ömri rowaýata öwrülen bu adam hakda gürrüň bermegi makul bildim.
Munuň üçin men Nohur obasynda ýaşaýan Çary molla Pürli ogly bilen söhbetdeş boldum. Çary aga bütin ömrüni-de daýhançylyk eden adam. Kolhozda mehanizator bolubam işläpdir. Häzirem işlemegini dowam etdirýär.
Çary aga öz obadaşy Goçmyrat ahun barada ýadyna düşenlerini gürrüň edip berdi. Ol gürrüňler biziň taryhy geçmişimiziň bir bölegi. Taryhy geçmişimizi öwrenmek, halka ýetirmek – biziň

borjumyz.

– Geçen asyrda nohurly Mollaly ahun Eýran tarapda okap gelipdir. Arçmanly Nepesdurdy işan oňa: «Seň okan medresäň biziňkä gelenok. Alan bilimiň Buharadaky bolsa gowy boljak» diýipdir. Mollaly ahun işanyň sözüne eýerip, Buhara gidýär. Gelenden soň Nepesdurdy işanyň ýanyna baryp: «Tagsyr, Taňryýalkasyn. Eger sen maňa şeýle diýmedik bosaň, mundan buýana-da meňki boljak däl eken. Ýöne armanly-ha boldum. Içimde arman-a galdy. Sebäbi, başda alan ylmym düz bolmandyr. Indi özümden bir ogul ýetişse, onuň ömrüni ylma sarp etdirmesem, arman janymda galdy» diýip aýdypdyr.
Şeýdip ol oba gelýär. O wagtlar hem Mekge-Medine tarapdan birki sany derwüş gelýär. Olaryň adamlara syn edişi, baha berişi ahunyň göwnünden turupdyr.
Mollaly ahunyň şo wagt başmi ýa alty ogly bar eken. «Meň ogullaryma-da baha bersin» diýip, olaryň yzyndan adam iberýär.
«Şunuň haýsy biri alym, molla bolup biljek?» diýip soraýar. Ogullarynyň biri kül-kümüriň üstünde oýnap ýör eken. Derwüşler onuň ogullaryny gözden geçirip «Bularyňdan-a saňa çörek ýok» diýýärler. Onda ahun: «Iň körpämiz bar. Däli diýseňem däli däl. Külde-kümürde oýnap ýör» diýýär. «Getiriň, göreliň» diýýarler.Gyz jigisi ony golundan göterip getirýär, hamana haram tike ýaly. Gowy arzylap götermän, golundan tutup getirip, ýaňkylaň öňüne oklap goýberýär. «Ine, şunymyz-a bar». Derwüşler seredip, seredip: «Tagsyr, şunyňy berkit. Her haçanam bolsa şu bir düzüwli adam bolar» diýipdirler.
Ol oglanjyk gün-günden ulalýar. Ahun oňa ata terbiýesini berýär. Ata terbiýesinde-de bildirýär, çagaň nahillidigi. Bir zat aýtsaň gulagynda galýarmy, galanokmy, bildirýär. Ýaňky oglan terbiýäni kabul edip alýar. Elipbiý dagy öwrenýär. 8-10 ýaşlaryndaka Buhara akidip, ahun ony goýup gelýär. Ol buhara medresesinde on dokuz ýyl ylym öwrenip gelýär.
Onuň bilen Nepesdurdy işanyň ogullarynyň biri hem Buhara okuwa giden eken. «Hany, okuw bilen nähili, jan ogul. Nohurdanam Goçmyrat diýip, biri gitdi şo ýere. Okuw bilen nädýäňiz?» diýip, işan aga oglundan sorapdyr. Ogly: «Goçmyrat diýilýän

adam, kaka, bizem- ä «işan aga, işan aga» diýip, aýdýalar weli, emma Goçmyrat haýsy köçä çyksa, şonuň bilen görüşmäge adam üýşüp gidýär. Görüşmäge gezek ýetenok. «Haý, jan ogul, ylymy-ha Goçmyrat alypdyr, işan adynam siz alypsyňyz. Halk ylma çozar. Ylymsyz adamy näme etsin» diýipdir.

Goçmyrat okaýan wagty özi ýaly bir adam gelip, jylawyny tutup durmasa, kän bir ýere barmaýan eken. Şeýle bir syýasatly, öz abraýyny saklaýan adam. Gören ýeriňe ylgap ýörjek bolsaň, ahun boljakmy?!

Okuwyny gutarandan soň oňa «şu ýerde gal» diýip aýdypdyrlar. «Ýok, men öz halkyma hyzmat etjek. Bu ýeriň alymy, ylmy ýeterlik. Biz bir çölräk ýurtda. Biziň alymymyz, ylymymyz ýeterlik däl. «Gelip bu ýere ýolbaşçy bolsaň» diýip, atamam arzuw edip galdy. Şonuň üçinem men öz ýurduma gideýin» diýipdir. Okuw tamamlananda, her kimiň bilim derejesine görä, medreseden gerek kitabyny almak üçin ygtyýar edilipdir. Her kim öz güýjüniň ýetýän kitabyny almaly. Bir kitapdan artyk almaly däl. Ýöne kim näme kitap alsa, bellik edilýän eken. Ýaşulylaryň aýtmagyna görä, Goçmyrat ahunyň alan kitaby üçmi-ýa dört sany kitap. Uly kitaplar. Hiç kim Buharada şo kitaplara ýanaşyp bilmeýän eken. Dünýewi kitaplar bolmaly. Derýanyň içinde uly gämi bar bolsa, oňa ýetmäge gaýyk gerek. Şonuň ýalam,kitabyň ýanyna gitmäge-de alym gerek. Hat bilmeseň, gözli kör. Dil bilmeseňem, dilli lal. Goçmyrat ahun baryp has agramly kitaby alypdyr. Görseler, şo kitap alnypdyr. Medresäniň oňa jogap berýän piri gapyda durandan soraýar: «Kitaby kim aldy?». «Kitaby hezreti Goçmyrat aldy. Ahal ahuny äkitdi» diýýär.

Pir täret kylyp, iki rekat namaz okap, ýerinden turup, «Berekella, ylym Ahala gitdi» diýip, aýdypdyr.

Goçmyrat ahyn okuwy gutaryp gelenden soň, kakasy Mollaly ahun aýatda eken. Nohurda bada-bat medrese salmaga başlaýarlar. Sylag-hormat edýän adamlar oňa kömek berýärler. Ahun gijäni gündiz edip, adamlary okadyp başlaýar. «Geliň gardaşlar, okalyň. Ylym bize hemme taraplaýyn gerek» diýýar.

Häzire çenli Eýrandan gelýän türkmen ahunlarynyň «Biziň ylymmyz, Goçmyrat ahunyň ylmy» diýmeýäni ýok.

Goçmyrat ahundan öz döwrüniň sowatly adamlary Oraz ahun, Atanyýaz ahun bilim alypdyrlar. Myratberdi ahun bilen bile Buharadan gelipdir. Eýrandaky ahunlaryň birtopary Goçmyrat ahunyň Buharada okan medresesine ýörite baryp, aýlanyp gaýtdylar. Biz Nohurda bolup, gidip bilemzok.
Nohurda şo döwürde kän mejit salnypdyr. Köp ýerden adam gelýän eken. Goçmyrat ahunyň Nohurdaky medresesine ikinji Buhara medresesi hem diýýän ekenler. Ylym ýola goýlupdyr. Goçmyrat ýaşuly köp ahunlary okadyp, olara pata beripdir.
Mollaly ahun Eýran tarapda okapdyr. Köpeleliň diýip – Eýranly gyzlara-da öýleniliberýär. Nohurda Eýrandan getirilen Sekine diýen bir aýl bar eken. Kürt zenany. «Mollalyjan gidip geldi, nohurlyny ýarym kapyr etdi. Emma, Goçmyrat jan gidip-gidip bir geldi weli, hemmesini kapyr edäýdi» diýipdir.
Ýagny hemmesini musulman etdi diýdigi-dä. Öz ýolunyň galanyna gynandygy bendäniň.
Nohurlynyň asly sünni. Onuň asly Nuh pygamberiň bir ogly bolmaly.
Nohurly Öwez hojanyň gapysyna getirilýän däliniň hasaby ýok eken. Näsag adamlar ondan şypa tapypdyrlar. Günleriň birinde Hoja Atanyýaz ahuny metjidiň öňünde saklap: «Tagsyr, dur – diýýär. Senden bir zat sorajak. Eger şoňa jogap berseň, ähli sopularyň bilen gel,seni naharlajak. Eger bilmeseňem, onda meniň dälilerimi naharlarsyň» diýýipdir. «Eger bilmesek kimiň ýanyna gitmeli borus?» diýýä. «Goçmyrat ahunyň ýanyna gitmeli».
Öwez Hoja ahundan «Ölüde näçe hal bar» diýýip, soraýar. Ölen adamyň zadyny bölüşmekde-de ylym bar-da. Şony ylym boýunça etmeseň, adamlar gyrlyşar. Şo ylymda hikmet bar. Adamyň dawasyny çözüp goýberýän ylym. Ylym boýunça «şu zatda seň hakyň bar atanda» diýensoň, meniň artykmaç almaga hakym ýok. Görýäňmi, ylym nähilli aç-açan edýär. Bir sygyr bar. Sen ony öldürjekmi, näme etjek. Şerigat bölüp berenden soň, dep bolaýýa adam.
«40 haly bar» diýýä. Sanap başlaýa. Otuz dokuzyny sanap, kyrka gezek gelende ahun duruberýär. «Ýeňildiň, ýör ahunyň ýanyna gideli» diýýä Öwez hoja. Goçmyrat ahunam sopularyna ders berip

oturan. Şo iki arada Atanyýaz ahun golaýyna gelýä weli, «Janym ahyr, malym barmy-halym barmy?» diýýä. Atanyýaz ahunam «Dur, şu ýerde bir zat ýadyma düşdi?» diýýä. «Näme?» «Ata bar ýerde, baba hakdan kesiler» diýip, aýtdy weli, 40 boldy. Öwez hoja-da «Özüň bilmediň. Ertirden bäri sanap otyrsyň, ýetirip bileňok. Şu ýerde birinden ýetdi» diýip aýdýa diýýä. Goçmyrat ahun «Malym barmy-halym barmy?» diýende Atanyýaz ahun bada-bat düşünýär. Ata bar ýerinde, babasy hakdan kesilýän eken. Şonuň bilen kyrk bolýar. Bolsa-da Atanyýaz ahun onuň dälilerini naharlapdyr. Utulanyny boýun alýar. Onuň ylmynam adam peslär ýaly däl eken.
Bir gezek Goçmyrat ahun Gökdepä çagyrýarlar. Gökdepede 4 müň adam dagy ýygnanyp, bir meseläni çözüp bilmändirler. Şonda «Nohurdan Goçmyrat ahuny çagyrmaly. Meseläni şo çözsün» diýip, netijä gelýärler. Yzyndan adam iberilýär. Muň içinde «Aý, gelse geler ýörer-dä, nohur ahuny» diýip, aýdanlaram tapylypdyr.
Yzyndan adam iberilensoň Goçmyrat ahun gelýär. Gelip, «Aň, geňeşi başlabermeli eken. Maňa garaşyp durman. Geljek bir nohur ahunydyr-da» diýipdir. Her kim ýerli-ýerinde oturyberýär. Bir giň ýeri düzläp, 4 müň adam geňeş edýär. Meseläni çözüp gaýdypdyr. Dawa-jenjel meselesi parahatçylyk ýoly bilen çözülipdir.
Goçmyrat ahunyň müňlerçe gezek gan işi düzedip gaýdan ýerleri bar. Bamydamy ýa-da Börmede biriniň iki ogluny öldüripdirler. Şoňa-da Goçmyrat ahun töwella etmäge getiripdirler. Atdan düşüp,tebärek okap başlaýar. Kakasy «Tagsyr, şu öýe gir. Iki sany gelin boýnuny burup oturandyr, ikisiniňem adamsyny öldürdiler. Şo öldüren adamlar şu ýurtdan göçsünler. Hälä iki, onam bolsa seň üçin olaň günäsini geçdim» – diýip, aýdypdyr. Ahunyň baran ýerinde meseläni oňun çözüp gaýtmadyk ýeri ýok.
Arçmanda, Goçmyrat ahunyň öňünde okaýan bir sopusy toý edýär. Bu toýa-da hormatlap, Goçmyrat ahuny çagyrýarlar. Nepesdurdy işanyň ogly «Eger Goçmyrat ahun geläýse, men nirede-de bolsam, tapyň» diýip, tabşyran eken. Goçmyrat ahunyň öňünden oba çykyp garşylapdyr. Işan aga hem şo wagt obada ýok eken. Oň yzyndanam adam iberilipdir. Işan aga gelýär. Oturanlar bilen

salamlaşýar. Muny maňa Muhammetguly molla gürrüň beripdi. Ol Goçmyrat ahunyň elinde okan adam. Öz dilinden eşitdim.
Alymyň ýanynda alym edebi, garamaýagyň garamaýak edebi, bagşynyň bagşy edebi bar. Her kimiň özüne görä gulluk etmeseň, onda adam çagyrdygyň bolanok-da.
Sagat ikide Nepesdurdy işanyň ogly gelýär. Oturanlara: «Heý, bir adamy-da öýe salyp, sagat ikä çenli bir sowal etmek bolarmy? Sowalam bir sagat bor, ýarym sagat bolar. Bu adamlaň işi kän. Gelip görüşjek adam kän. Ýeke siziň sowalyňuz däl. Size ylym gerek bolýän bolsa, Nohur bilen Arçmanyň arasy pyýada ýarym günlik ýol. Atly bir sagatda, eşekli bir gonartanlyk ýol, baryň Nohuryň medrese- metjidinde okaň, ylym öwreniň» diýipdir. «Ahun demini-dynjyny alsyn» diýýär.
Ylymda hemişe bahyllyk bar. Bir adam bir ylym bilse, biri ondan gowy biljek bolýar. Pesrägi azaram edenok. Adamlar her hili, şo gezek ouranlaryň biri «Şuň ýaly ylymy men nirede alyp bilerin» diýýär. «Goçmyrat ahun Buharany gutaryp gelen adam. Aňrybaş bilimli adam. Ýöne Mekge-Medinä baryp, bäş-on ýyl okap geläýmeseň» diýýärler.
Ol adam Mekge-Medinä okuwa gidipdir. Bäş-on ýyl okapdyr. Goçmyrat ahunam öz dogany Ysmaýyl ahun we başga-da birnäçe ahun bilen Mekge–Medinä haja gidýär.
Ol adam Goçmyrat ahunyň gelenini eşidip, ýaşaýan çadyryna gelipdir. Özüni synap görjek, sowal üstüne sowal ýagdyryp başlaýar ahunyň üstüne. Bu bäş alty gün dowam edipdir. Goçmyrat ahun onytananok. Ahyry ol «Molla, çygryňdan çykyp gör. Çygryňda aýlanyp oturma» diýýä. Bu sowallar ozal bilinýän zatlar, diýdigi-dä.
«Bä, şu zatlar oň üçin çygyr bolýan bolsa, galan ömrüme okasam-da meňki boljak däl» diýip, ol öz ýurduna gaýdarman bolupdyr.
Goçmyrat ahunyň okadyp, bilim beren adamlarynyň sowat derejesi hiç bir weçde peslar ýaly däl eken. Ondan tälim alan Atanyýaz ahun bilen Oraz ahun hakda bir gürrüň bereýin.
Könegümmeýiň aşagynda Pekeçekliniň aýagynda Goçmyrat diýen bir adamyň igde agajy bar eken. Çarwadarlykda oturan ýerlerem şo ýerler eken. Kellesi bedreli suwa gidip gelýän wagtlary

Bajygyz eňňem igde agajynda bal arysynyň öýüni görýär. Ylgaşyp gelýärler. Dogrudanam bal ary bar. Muny alýarlar. Isgenderiň aýaly Bajygyz eňňemem baldan tamakyn. Goçulam: «Özüm aljak. Meň igdäm. Hiç kime berjek däl» diýipdir.
Şo wagtlaram her kimiň kazy-kelana oturyşy ýaly, ahuna-da şeýle oturylýan eken. Oraz ahun aýdýa: «Igde seňkem bolsa, ol adamam görüpdir. Iki bölüşäýiň» diýýär.
Goçulam ylalaşman, Nohura, Atanyýaz ahunyň ýanyna barýar. Goçuly diýýänem daýhan adam. Köp ýerde bugdaý ekip, harman atan adam. Gaýratly. Harmanyň düýbüni idili syrman: «Munda guşlaryň hem haky bardyr» diýýän eken. Özi weli hakyny hiç kime giýdirmändir.
«Jan tagsyr, Oraz ahun-a bir zat tapdy. Meň igdämden çykan balyň ýarysyny «Isgenderiň aýalyna beraý» diýýä. Ahun ony diňläp «Be, şerigat düzgüni bir ýerde bozulsa, köp ýerde üýtgär. Baryp, ahuny ýola salaly» diýýär. Atanyýaz ahun gelýä diýip, aýtsalar, Oraz ahun onuň öňünden çykýar. «Jan tagsyr, bir oglan iberseňiz, jnymyz bilen özümiz barjag-a. Siz nire, bu ýerler nire! Gözümiz, gaşymyz ýük, ýöne siz ýük däl. Çagyrsaňyz, özümiz barjag-a» diýýär.
– Göwnüwe bir zat gelmesin diýip, özümiz geldik – diýýä Atanyýaz ahun. Goçulynyň zadyny nämüçin Isgenderiň aýalyna berdirdiň! Bu nähili bolýar?
– Jan tagsyr, men ýalňyşamok.
– Biriniň zadyny başga birine berseň, ýalňyşmanyň bolýarmy? Şerigatda nirede ýazylypdyr?– Jan tagsyr, şu meselede akylam gerek. Eger bir adamy öldürip, Goçulynyň igdesiniň arasynda goýup «Goçulynyň igdesinde bir adam ölüp ýatyr. Seň igdäňde» diýseler, Goçuly boýun alarmy? – diýipdir. Ahunam:
– Boýun almaz – diýipdir.
– Boýun almasa, şo aýal görmese, bal arysam göçer gider. Goçyla-da zat ýok, oňa-da zat ýok. Şoň üçin ikä böläýiň diýip aýtdym.
Atanyýaz ahun:
– Aý, berekella, berekella, ylma köplenç akylam gerek eken – diýipdir.
Akyla düz gelýän bolsa, olam bir şert.

* * *

Hormatly okyjy! Söhbetimiz şu ýerde tamam boldy. Biz seniň bilen Goçmyrat ahun hakda söhbet etdik. Goçmyrat ahunyň öz halkynyň gerçek ogly bolandygyna göz ýetirmegiňe azda-kände hemaýat eden bolsam, özümi bagtly hasaplardym.

1991 ý, iýun.

Allaýar ÇÜRIÝEW.

Taryhy şahslar